Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň başlygy
_______________
A.O.Saparow
«____» __________ 2025ý.

Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşiniň başlygy
_______________
O.K.Berdiliýewa
«____» __________ 2025ý.

Türkmenistanyň Bilim ministri
_______________
J.Ş.Gurbangeldiýew
«____» __________ 2025ý.

Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň başlygy
_______________
Ý.N.Keriýew
«____» __________ 2025ý.

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň rektory
_______________
H.K.Nunnaýew
«____» __________ 2025ý.

Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşiniň, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty bilen bilelikde gurnamagynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda» "Sagdyn we ruhubelent zenan bagtyýar maşgalanyň gözbaşydyr" diýen şygar astynda Halkara zenanlar güni mynasybetli Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň zenan mugallymlarynyň we talyp gyzlarynyň arasynda geçirilýän sportuň görnüşleri boýunça ýaryşlaryň

# DÜZGÜNNAMASY

Aşgabat - 2025ý.

## I. ÝARYŞLARYŇ MAKSADY WE WEZIPELERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bagtyýar ýaşaýan halkymyz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň baştutanlygynda abadançylygyň we bolçulygyň hözirini görüp asuda ýaşaýar, döredijilikli işleýär, ynamly gurýar. Eziz Diýarymyzda ähli ugurlarda gazanylýan üstünlikler, ýetilýän sepgitler has-da guwandyryjydyr. Ata Watanymyz Türkmenistan dünýäniň ynamly ösýän, günsaýyn kuwwatlanýan we gözelleşýän döwletleriniň sanawyna ymykly goşuldy. Gazanylýan bu taryhy ýeňişlerde, şöhratly üstünliklerde ýurdumyzda jemgyýetimize peýdaly zähmet bilen meşgullanýan her bir raýatyň, şol sanda zenanlaryň hem mynasyp zähmet goşantlarynyň bardygy aýratyn guwandyryjydyr. Türkmen jemgyýetinde zenana hemişe aýratyn hormat, aýratyn sarpa bilen garalypdyr. Berkarar döwletiň bagtyýar zenanlary jemgyýetçilik ösüşiniň ähli ugurlaryna – syýasy, ykdysady, durmuş, medeni ugurlaryna işjeň gatnaşýarlar. Bu ugurlarda gazanylýan üstünliklere mynasyp goşant goşýarlar.

**Ýaryşlaryň wezipeleri:**

- Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanda sporty ösdürmek we ýaşlary sagdyn ruhda terbiýelemek hem-de köpçülikleýin bedenterbiýäni we ýokary netijeli sporty ösdürmek maksady bilen, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp zenanlarynyň arasynda sportuň görnüşleri boýunça ýaryşlary geçirmekden;
- ýokary okuw mekdepleriň talyp zenanlarynyň arasynda bedenterbiýäni we sporty köpçülikleýin ösdürmekden we giňden ornaşdyrmakdan, sagdyn-durmuş ýörelgesini wagyz etmekden;
- ýokary okuw mekdepleriň talyp zenanlarynyň arasynda ruhubelentligi, päkligi, dostluk-doganlygy berkitmekden;
- ýokary okuw mekdepleriň talyp zenanlarynyň arasynda zehinli, güýçli, başarjaň zenan türgenleri saýlap-seçip almakdan, olaryň Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň düzüminde çykyş etmekligini gazanmakdan ybaratdyr.

## II. ÝARYŞYŇ GEÇIRILÝÄN SENESI WE ÝERI

Sportuň görnüşleri boýunça sport ýaryşlary talyplaryň arasynda 2025-nji ýylyň 3-7-nji marty aralygynda geçiriler, ýaryşyň başlaýan wagty sagat 14:00-da Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Köpugurly sport toplumynda. Açylyş dabarasy: 2025-nji ýylyň 3-nji martynda Köpugurly sport toplumynda sagat 15:00-da geçirilýär.

Ýaryşyň açylyş dabarasyna her ýokary okuw mekdebinden 10 (on) sany tassyklanan sport geýimli talyplary gatnaşmalydyr we olar ýokary okuw mekdepleriň ady ýazylan nyşan bilen gelmelidirler.

Ýaryşa gatnaşjak topar wekilleriniň maslahaty 2025-nji ýylyň 1-njy martynda sagat 14:00-da Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň baş binasynyň Mejlisler zalynda geçirilýär.

Ýaryşy guramaçylykly geçirmek üçin jogapkär Türkmen döwlet bedenterbiýe

we sport institutynyň Talyplar sport klubyna we institutyň Jemgyýetçilik guramalaryna tabşyrylýar.

## III. SPORTUŇ GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA ÝARYŞLARYŇ DÜZÜMI

Sportuň görnüşleri boýunça zenan talyplaryň we mugallymlaryň arasynda ýaryşlaryň ýeňijileri toparlaýyn görnüşde bahalandyrmagyň esasynda saýlanýar:

1. **3x3 basketbol –** toparyň düzümi 4 zenan türgen **(** 2 zenan mugallym we 2 talyp gyz, meýdançada 2 talyp 1 mugallym gatnaşmaly)
2. **Küşt** – toparyň düzümi 2 zenan türgen (1 mug, 1 talyp)
3. **Stol tennisi** – toparyň düzümi 2 zenan türgen (1 mug, 1 talyp)
4. **Woleýbol** – toparyň düzümi 10 zenan türgen (5 zenan mugallym we 5 talyp gyz, meýdançada 3 talyp, 3 mugallym gatnaşmaly)
5. **Tennis –** düzümi 2 zenan türgen (1 mug, 1 talyp)

## IV. ÝARYŞA GATNAŞYJYLAR

Ýaryşa ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň zenan mugallymlary we talyplary gatnaşyp bilerler.

Sport ýaryşlara gatnaşmaklyga lukmançylyk netijeleri esasynda bellenen nusgada goýbermeklige rugsady bolan, bedenterbiýe-sport türgenleşik sapaklaryna yzygiderli gatnaýan zenan talyplar we mugallymlar goýberilýär. Ýaryşa gatnaşyjylar ýokary okuw mekdebiniň tassyklanan sport geýiminde bolmalydyr.

## V. ÝARYŞYŇ ÝEŇIJILERINI KESGITLEMEK

Ýaryşlar Halkara sport federasiýalaryň hereket edýän düzgünlerine laýyklykda geçirilýär.

## VI. ÝEŇIJILERI SYLAGLAMAK

Baýrakly orunlary eýelän toparlar Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşi, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň jemgyýetçilik guramalary tarapyndan taýýarlanan sowgatlar we Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň degişli Hormat hatlary bilen sylaglanýarlar.

## VII. ISLEGNAMALARY TABŞYRMAKLYGYŇ TERTIBI

Ýaryşa gatnaşmak üçin islegnama hatyny 2025-nji ýylyň 1-nji martynda sagat 15:00-da Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Talyplar sport klubunyň başlygyna tabşyrmaly. Islegnama hatyna gatnaşýanlaryň sanawy, lukmanyň goly we möhüri bilen tassyklanan resminamalarynyň bolmagy hökmandyr.

Ýaryşlary geçirmegiň umumy ýolbaşçylygy Talyplar sport klubunyň başlygyna, institutyň jemgyýetçilik guramalaryna we sportuň degişli kafedralarynyň jogapkärçiligine tabşyrylýar.

## VIII. MAHABATLANDYRMAK

Ýaryşlaryň geçirilýän ýeriniň bezeg işlerini hem-de köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen ilatyň arasynda mahabatlandyrmak işlerini guramaklyk Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutyna tabşyrylýar.

***Bellik.*** Düzgünnama laýyklykda, toparlara ýokary okuw mekdepleriň talyplar sport klublarynyň ýolbaşçylary jogap berýärler. Her bir ýolbaşçy sport ýaryşlarynyň dowamynda öz toparynyň tertip-düzgünini we talaplaryny berjaý etmegine doly jogapkärçilik çekýär.

**ŞU DÜZGÜNNAMA GEÇIRILJEK ÝARYŞLARA RESMI ÇAKYLYKDYR.**

*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty.*
*Habarlaşmak üçin telefonlar: 22-65-74 (10-16); +993-65-65-49-28.*
*Elektron salgysy: tdbsi@sanly.tm*
*Resmi web-sahypasy: https://www.tdbsi.edu.tm/*

**Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşiniň, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty bilen bilelikde gurnamagynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 3-7-nji marty aralygynda "Sagdyn we ruhubelent zenan bagtyýar maşgalanyň gözbaşydyr" diýen şygar astynda Halkara zenanlar güni mynasybetli Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň zenan mugallymlarynyň we talyp gyzlarynyň arasynda geçirilýän sportuň görnüşleri boýunça ýaryşlaryň geçiriliş**

**TERTIBI**

**Geçirilýän senesi:** 03-07.04.2025ý.
**Geçirilýän wagty:** $14^{00}$-$18^{00}$.

| T/b | Geçirilýän çäräniň ady | Geçirilýän ýeri | Geçirilýän senesi | Gatnaşyjylar | Jogapkär guramalar |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | "Sagdyn we ruhubelent zenan bagtyýar maşgalanyň gözbaşydyr" atly köpçülikleýin bedenterbiýe-sport ýaryşlaryň açylyş dabarasy | Sportuň Olimpiýa görnüşleri fakultetiniň "Köpugurly" sport toplumy | 03.03.2025ý. 15:00 | ÝOM zenan mugallymlary we talyp gyzlary | Talyplar sport kluby, institutyň jemgyýetçilik guramalary, mugallymlar we meýletinçiler |
| 2. | 3x3 basketbol | Sportuň Olimpiýa görnüşleri fakultetiniň "Köpugurly" sport toplumy | 03-07. 03.2025ý. 14:00 | ÝOM zenan mugallymlary we talyp gyzlary | Talyplar sport kluby, institutyň jemgyýetçilik guramalary, mugallymlar we meýletinçiler |
| 3. | Stoluň üstünde oýnalýan tennis | Sportuň Olimpiýa görnüşleri fakultetiniň "Köpugurly" sport toplumy | 03-07. 03.2025ý. 14:00 | ÝOM zenan mugallymlary we talyp gyzlary | Talyplar sport kluby, institutyň jemgyýetçilik guramalary, mugallymlar we meýletinçiler |
| 4. | Woleýbol | Sportuň Olimpiýa görnüşleri fakultetiniň "Köpugurly" sport toplumy | 03-07. 03.2025ý. 14:00 | ÝOM zenan mugallymlary we talyp gyzlary | Talyplar sport kluby, institutyň jemgyýetçilik guramalary, mugallymlar we meýletinçiler |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 5. | Tennis | Sportuň Olimpiýa görnüşleri fakultetiniň “Köpugurly” sport toplumy | 03-07. 03.2025ý. 14:00 | ÝOM zenan mugallymlary we talyp gyzlary | Talyplar sport kluby, institutyň jemgyýetçilik guramalary, mugallymlar we meýletinçiler |
| 6. | Küşt | Baş binanyň küşt otagy | 03-07. 03.2025ý. 14:00 | ÝOM zenan mugallymlary we talyp gyzlary | Talyplar sport kluby, institutyň jemgyýetçilik guramalary, mugallymlar we meýletinçiler |
| 7. | “Sagdyn we ruhubelent zenan bagtyýar maşgalanyň gözbaşydyr” atly köpçülikleýin bedenterbiýe-sport ýaryşlaryň ýapylyş dabarasy we ýeňijileri sylaglamak | Sportuň Olimpiýa görnüşleri fakultetiniň “Köpugurly” sport toplumy | 07.03.2025ý. 14:00 | ÝOM zenan mugallymlary we talyp gyzlary | Talyplar sport kluby, institutyň jemgyýetçilik guramalary, mugallymlar we meýletinçiler |

*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty.*
*Habarlaşmak üçin telefonlar: 22-65-74 (10-16); +993-65-65-49-28.*
*Elektron salgysy: tdbsi@sanly.tm*
*Resmi web-sahypasy: https://www.tdbsi.edu.tm/*